## SÖZLÜK WE DÜŞÜNDIRIŞ

ABBA – (arameý.) Ata.

ADYL – Isa Mesih.

AŻDARHA – Şeýtan.

AKLAMAK – Injile görä, bütin adamzat günä edip, Hudaýyň gazabyna sezewar bolýar, dowzaha hököm edilýär. Ýöne günälerini boýun alyp, Isa Mesihiň ölenine çyn ýürekden iman edenleriň günäsini bagyşlap, iman eden günäkäri Hudaý „dogry“ diýip kabul edýär.

ALAMAT – Injilde köplenç biriniň Hudaý tarapyndan iberilendigini tassyklaýan mugjyza.

ALFA – grek elipbiýiniň ilkinji harpy.

ARTEMIS – grekleriň tanymal zenan taňrylaryndan biri. Iň uly Artemis ybadathanasy Efes şäherindedi.

ASAF – Dawut patyşanyň zamanynda ýaşap geçen meşhur sazandalar ýolbaşçysy.

ASIÝA – häzirki Türkiýäniň günbatar tarapynda ýerleşen Rim welaýaty.

ATA – Baş harp bilen ýazylan mahaly Hudaý göz öňünde tutulýar.

BAAL – gadymy kenganlylaryň bir buty.

BU DÜNÝÄNIŇ HÖKÜMDARY – Şeýtan.

BUHUR – ýakylýan hoşboý ysly jisim, ladan.

BEÝELZEBUL – kengan halkynyň uýan „belent ýerler taňrysy“. Injilde erbet ruhlaryň başlygy Şeýtan üçin hem ulanylýar.

ÇADYR – gadymy ýehudylaryň göçe-göçlük döwründe özleri bilen göçürip gonduran ybadathanasy.

ÇATMA-TELÄR BAÝRAMY – bu baýramda ýehudylar atalarynyň Musanyň ýolbaşçylygynda çölde geçiren günlerini ýatlap, ýedi günläp çatma-telärlerde ýaşaýarlar.



ÇOKUNDYRMAK – Injildäki manysy günäli durmuşdan toba edip, Isa Mesihe iman edeni suwa çümdürmek ýa-da üstüne suw sepelemek.

ÇÖREK BÖLME – ser. Rebbiň saçagy.

DAWUT OGLY – Dawut patyşanyň neslinden bolan Mesih.

DOGANLAR – Injilde köplenç Isa Mesihe iman edenleri aňladýan söz.

DÜNÝÄ – Injilde üç manyda gelýär: 1) Älem-jahan; 2) adamzat; 3) adamlaryň Hudaýyň garşysyna aýaga galmalary netijesinde döreýän ýagdaý.

EL GOÝMAK – birine ak pata bermek ýa-da wezipä bellemek maksady bilen onuň üstüne el goýmak.

ÄHT GANY – Hudaýyň Musa pygamberiň zamanynda Ysraýyl halky bilen eden Köne Ähti gurban edilen mallaryň gany bilen güýje giripdi. Täze Äht bolsa Isa Mesihiň dökülen gany bilen güýje girýär.

ÄHT SANDYGY – ehudylaryň ybadathanasynyň Iň Mukaddes jaýynda saklanan sandyk. Bu sandygyň içinde ýüzüne Hudaýyň Musa beren „On Tabşyrygy“ ýazylan iki daş sahypa bardy.

FARISEÝLER – gadymy ýehudylarda diniň parz we sünnetlerini hökmany suratda ýerine ýetirmegi buýran mezhep.

GELJEK – Isa Mesih.

GÖKLERIŇ PATYŞALYGY – ser. Hudaýyň Patyşalygy.

GÖK – Injilde üç manyda gelýär: 1) Asman; 2) Hudaýyň göze görünmeýän tagty; 3) Hudaýyň Özi.

GÖRNÜŞ – Hudaý tarapyndan adamyň gözüne görünýän zat.

GÖZEGÇILER – imanlylar ýygnagyna ýolbaşçylyk edýän adamlar.

GURBAN EDILÝÄN ÝER – Iýerusalimdäki ybadathanada üstünde Hudaýa gurban hödürlenýän seki.

GÜNORTANYŇ AÝAL PATYŞASY – Süleýman patyşanyň ýanyna görme-görşe gelen Şeba melikesi.

HALELUÝA – (iwrit) „Rebbe öwgi aýdyň“.

HARUN – Musa pygamberiň agasy.

HEPDÄNIŇ ILKINJI GÜNI – ýekşenbe.

HIRODES – Injilde bäş aýry şahsyň ady: 1) miladdan öň 40–4 ýyllarda Rim adyndan Filistinde patyşalyk eden Uly Hirodes

(Matta 2:1; Luka 1:5). 2) Uly Hirodesiň ogly Arhelas (Matta 2:22). 3) Ýahýa pygamberi öldüren häkim Hirodes Antipas. Isa Mesihi höküm edilmegi üçin Pontius Pilatusa iberen adam (Luka 23:1-12). 4) 1-nji Hirodes Agrippa. Miladdan soň 37–44 ýyllarda Filistiniň bir böleginde höküm süren patyşa (Resullaryň Işleri 12:20-23). 5) 2-nji Hirodes Agrippa. 1-nji Hirodes Agrippanyň ogly. Pawlusy soraga çeken adam (Resullaryň Işleri 25:13; 26:32).

HOŞ HABAR – Isa Mesihiň ölmegi we direlmegi baradaky gutulyş habary.

HOSANNA – (arameý.) „şindi halas et“.

HÖDÜRLENEN ÇÖREKLER – gadym zamanda Iýerusalimdäki ybadathanada her sabat güni Ysraýylyň on iki taýpasynyň adyndan Hudaýa hödürlenip goýlan on iki çörek.

HUDAÝDAN GORKÝANLAR – Isa Mesihiň zamanynda ýehudy dinine giren, ýöne sünnetlenmedik adamlar.

HUDAÝYŇ OGLY – Hudaýyň Öz tebigatyndan bolan Isa Mesih. Bu ýerde Ata bilen Ogul arasyndaky ruhy baglanyşyk göz öňünde tutulýar.

HUDAÝYŇ PATYŞALYGY – Hudaýyň bir patyşa kimin bütin dünýä höküm sürýänini, Onuň Isa Mesihiň getiren täze durmuşyny kabul edenleriň kalbynda guran patyşalygyny aňladýan söz.

HUDAÝYŇ SÖZI – 1) Mukaddes Ýazgylar; 2) Isa Mesihiň taglymaty; 3) Isa Mesihiň Özi.

HYZMATÇYLAR – imanlylar ýygnagynda gözegçilere ýardam edýän adamlar.

IMANLYLAR ÝYGNAGY – 1) her ýerde we her döwürde Isa Mesihe iman edenleriň jemi; 2) haýsy-da bolsa, bir ýerde Isa Mesihe iman edenlerden ybarat bolan jemagat.

INJIL – Asyl manysy „hoş habar“. 1) Isa Mesih baradaky Hoş Habar; 2) Mukaddes Kitabyň ikinji bölümi bolan Täze Äht.

IŇ MUKADDES JAÝ – Iýerusalimdäki ybadathananyň diňe baş ruhana ýylda bir gezek girmegine rugsat edilen bölümi.

ISA – (ýewreý. Ýeşua) „Halasgär Hudaý“.

IŞAÝA – gadymy pygamberleriň biri.

IÝERUSALIM – Ysraýylyň paýtagty.



JUL WE KÜL – gadym zamanlarda ýehudylar toba ýa-da ýas alamaty hökmünde žul geýnip, başlaryna kül sepipdirler.

KANUN – ser. Mukaddes Kanun.

KANUNÇYLAR – Injilde Mukaddes Ýazgylary göçürmek, düşündirmek we öwretmek bilen meşgullanan ýehudy din adamlary.

KÄSE – Injilde käbir ýerlerde agyr gam-gussany aňladýar.

KÖNE ÄHT – Isa Mesihden ozal ýazylan Töwrat, Zebur we pygamberleriň ýazgylary. Mukaddes Kitabyň birinji bölümi Köne Ähtden ybaratdyr.

LEWILI – Ysraýylyň lewi taýpasyndan bolan, ybadathanada ruhanylara ýardam edýän hyzmatkär.

MANNA – Hudaýyň çölde ysraýyllylary doýurmak üçin gökden inderen iýmiti.

MAZAR – gadymy ýehudylar ölülerini gaýada oýulan gowakda jaýlapdyrlar. Gowagyň agzyna bolsa bir uly daş goýupdyrlyr.

MIKAÝYL – baş perişdelerden biriniň ady.

MILLETLER – ýehudy bolmadyk halklar.

MUKADDES JAÝ – Iýerusalimdäki ybadathananyň diňe ruhanylaryň girmegine rugsat edilen bölümi.

MUKADDES KANUN – Hudaýyň Musa pygambere beren, Töwratyň esasyny düzýän tabşyryklary.

MUKADDESLER – Hudaýyň mukaddes halky, Isa Mesihe iman edenler.

MUKADDES RUH – Hudaýyň başy we soňy ýok Ruhy. Ol adamzada Hudaýy tanadýar, ony Isa Mesihe tarap gönükdirip, Oňa iman edenleriň kalbynda ýaşaýar (Ýahýa 14; Rimliler 8).

MUKADDES ŞÄHER – Iýerusalim.

MUKADDES ÝAZGYLAR – 1) Isa Mesihe çenli Köne Äht (Töwrat, Zebur we pygamberleriň ýazgylary); 2) Isa Mesihden soň Köne Äht we Täze Äht (Injil).

MÜR – em we atyr üçin ulanylan gymmatbaha hoşboý ysly ýag.

MESH ETMEK – gadym zamanda mukaddes işlerde ulanyljak zatlaryň üstüne ýa-da täze wezipä bellenen adamyň başyna ýag çalmak.

MESIH – „mesh edilen adam“. Geljekdigi ozalky pygamberler tarapyndan öňden habar berlen Halasgär Isa.

MESIHIŇ RUHY – ser. Mukaddes Ruh.
MESIHE GARŞY GÖRÝEŞIJI – 1) Isa Mesihe garşy çykýan adam; 2) ahyrzamanda Şeýtandan güýç alyp, Isa Mesihe garşy çykjak gaty ýowuz adam.
NOWBAHARLYK HAKY – gadymy zamanlarda bir maşgalanyň baş oglunyň artykmaç haklary bolup, atasy oňa aýratyn pata beripdir.
OGUL – ser. Hudaýyň Ogly.
OL GÜN – Injilde Isa Mesihiň gaýtadan gelip, dünýäniň üstünden höküm çykarjak wagty göz öňünde tutulýar.
OMEGA – grek elipbiýiniň soňky harpy.
ONKILER – Isa Mesihiň resullyga saýlan on iki şägirdi.
ON TABŞYRYK – Mukaddes Kanunyň esasyny düzýän tabşyryklar.
PENTIKOST GÜNI – (grek.) „ellinji gün“. Ýehudylaryň pesah baýramyndan elli gün soň tutýan hasyl baýramy.
PESAH BAÝRAMY – Müsürde çeken gulçulyklaryndan halas edilendikleri mynasybetli ýehudylaryň her ýyl tutýan baýramy. Bu baýramda gurban edilen guzy eti bilen petir çörek iýilýär (Matta 26:1-29; Ýewreýler 11:28).
PETIR BAÝRAMY – ser. Pesah Baýramy.
PONTIUS PILATUS – milladdan soň 26–37 ýyllary arasynda Rim imperiýasynyň Ýahuda welaýatynda häkimlik eden adam.
PYGAMBERLIK ETMEK – welilik etmek.
REB – Ata Hudaýa, Isa Mesihe we Mukaddes Ruha berlen at. Eýe, hojaýyn, aga.
REBBI – (arameý.) mugallym.
REBBIŇ SAÇAGY – mesihileriň Isanyň ölümini ýatlamak maksady bilen özara çörek bölüşip, üzüm şiresini paýlaşmagy (Matta 26:26-29; Markus 14:22-25; Luka 22:15-20; 1 Korintoslylar 11:23-34).
RESULLAR – Isa Mesihiň Özi baradaky Hoş Habary dünýä ýaýratmalary üçin saýlap iberen adamlary.
RUH – (uly harp bilen ýazylanda) Mukaddes Ruh.
RUHY SYLAGLAR – Mukaddes Ruhuň imanlylar ýygnagyny ruhy taýdan ösdürmek maksady bilen olara berýän adatdan daşary başarnyklary.



SABAT GÜNI – ehudylaryň mukaddes, dynç alma we ybadat güni: şenbe.
SADDUKEÝLER – Köne Ähtden diňe Musa pygamberiň kitaplaryna (Töwrata) ynanan gadymy ýehudy mezhebi. Saddukeýler ölümden soňraky direlişe, jennet-jähenneme, jyndyr perişdelere ynanmaýardylar.
SAMARIÝALYLAR – ehudylar bilen käbir Kengan ilatynyň garyşmagyndan emele gelen halk. Samariýalylar sap ganly däldigi üçin, ýehudylar olary äsgermezlik edipdirler.
SAÝLANANLAR – Hudaýyň saýlanlary, Mesihe iman edenler.
SINA DAGY – Hudaýyň Musa pygambere Mukaddes Kanuny beren dagy.
SINAGOGA – ehudylaryň ybadathanasy.
SION – üstünde Iýerusalimiň gurlan depelerinden biri. Göçme manyda „Hudaýyň mesgeni“, „Hudaýyň halky“.
SODOM WE GOMORA – günäkärligi we haram işleri zerarly Hudaý tarapyndan weýran edilen gadymy şäherler.
SOWGAT – Injilde käbir ýerlerde gurban.
SÖZ – Hudaýyň sözi.
SÜNNETLILER – Injilde 1) tutuş ýehudylar; 2) Isa Mesihe iman eden ýehudylar.
SÜNNETSIZLÝER – Injilde ýehudy däller.
TAÝÝARLYK GÜNI – sabat gününiň öňünden gelip, sabata taýýarlyk görülýän gün.
TÄZE ÄHT – 1) Hudaýyň barça adamzat bilen eden we Isa Mesihiň günäkärleriň ýerine janyny pida edip, Öz ganyny dökmegi bilen güýje giren äht; 2) bu ähti içine alýan Injil kitaby.
TÖWRAT – 1) Hudaýyň Musa pygambere beren Mukaddes Kanuny; 2) Köne Ähtiň şu Kanunyny içine alýan ilkinji bäş kitaby; 3) Käbir ýerlerde Köne Ähtiň jemini aňladýar.
TUTY – ehudylaryň ybadathanasynda „Mukaddes Jaý“ bilen „Iň Mukaddes Jaýyň“ arasyndaky tuty.
ULY ATALAR – Ysraýyl halkynyň gadym zamanlarda belli din we döwlet adamlary.
WARWAR – (grek.) keseki, gaýry milletden bolan.

WEÝRANÇYLYK GETIRÝÄN ÝIGRENJI – ahyrzamanda peýda boljak „Mesihe garşy göreşiji“.

YBADATHANA – ýehudylaryň Iýerusalimdäki merkezi ybadat jaýy. Ilkinji gezek miladdan öň onunjy asyrda Dawut patyşanyň ogly Süleýman tarapyndan salnan, soň hem iki gezek ýykylyp, gaýtadan gurlan bu ybadathana miladdan soň 70-nji ýylda rimlileriň hüžüminde harap bolupdyr.

YNSAN OGLY – Isa Mesihiň atlaryndan biri.

ÝAKYLÝAN SOWGAT – Hudaýa gurban edilenden soň ýakylýan haýwan.

ÝAŞULULAR – 1) gadymy Ysraýylda aksakgallar; 2) imanlylar ýygnagyna gözegçilik edýänler.

ZEBUR – Hudaýy taryplamak üçin owazly okalýan nagmalar (mezmurlar) ýygyndysy. Mezmurlaryň köpüsini Dawut pygamber ýazypdyr.